#150 (172)
среда, 8 ноября 2023 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



2023-nji ýylyň 2-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ileri tutulýan wezipeleri, birnäçe resminamalaryň taslamalary, käbir beýleki meseleler girizildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi. Ol täze hukuk resminamalarynyň taslamalaryny taýýarlamak hem-de hereket edýän kanunlara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek boýunça alnyp barylýan işler, kabul edilýän kanunçylyk namalarynyň ähmiýetini halk köpçüligine düşündirmek ugrunda geçirilýän çäreler barada habar berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow täze kanunlaryň taslamalary işlenip taýýarlanylanda olaryň kämil, döwrebap bolmagyny gazanmagyň möhümdigini aýtdy. Bu kanunlar döwletimiziň alyp barýan netijeli syýasatyny görkezmelidir, halkymyzyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmalydyr. Şunuň bilen birlikde, döwlet Baştutanymyz bu işleriň ählisini halk köpçüligine düşündirmek çärelerini yzygiderli geçirmegiň zerurdygyny belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow ykdysadyýetiň pudaklaryna sanly ulgamy giňden ornaşdyrmak, döwrebap innowasion tehnologiýalary ulanmak arkaly bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak we görnüşlerini giňeltmek üçin durmuşa geçirilýän toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň banklarynda töleg ulgamlary kämilleşdirilýär, nagt däl tölegleriň gerimi giňeýär. «Sanly kart» täze bank hyzmaty raýatlaryň ykjam telefonlary bilen töleg amallaryny geçirmeginde netijeli bolar diýip, döwlet Baştutanymyz belledi we wise-premýere harytlar, hyzmatlar üçin hasaplaşyklaryň kämil we döwrebap bolmagyny gazanmagy tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow ýangyç-energetika toplumynyň düzümlerindäki işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Toplumyň pudaklarynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek maksady bilen durmuşa geçirilýän çäreler, pudagy diwersifikasiýalaşdyrmak, uglewodorod çig malynyň çykarylýan we gaýtadan işlenilýän möçberini artdyrmak, ýurdumyzda we dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän ýokary hilli nebit, gazhimiýa önümlerini öndürmek, şeýle hem olaryň görnüşlerini artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada habar berildi. Bellenilişi ýaly, toplumyň kuwwatlyklarynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagy tebigy serişdeleriň rejeli we netijeli ulanylmagyny üpjün etmäge, ýurdumyzyň senagat, eksport kuwwatyny ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli resminamanyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň nebitgaz pudagyny ösdürmäge we döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen energetika strategiýasyny durmuşa geçirmegiň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini nygtady. Täze nebitli-gazly ýataklar açylyp ulanmaga berilýär. Şunuň bilen baglylykda, üznüksiz önümçiligi guramak üçin pudagy kömekçi materiallar, himiki serişdeler we beýleki ätiýaçlyk şaýlary bilen öz wagtynda üpjün etmek möhümdir.

Döwlet Baştutanymyz degişli Karara gol çekip, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi we resminamanyň talabalaýyk ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzyň welaýatlarynda möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi.

Wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna "Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylmy-barlag institutlaryny döretmek hakynda" Kararyň taslamasyny hödürledi. Resminamada ýurdumyzda oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmak we tohumçylyk işini ylmy esasda ulgamlaýyn alyp barmak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmagyň zerurdygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz tohumçylyk işini ylmy esasda ulgamlaýyn alyp barmagy has-da kämilleşdirmegiň wajypdygyny aýdyp, ylmy-barlag institutlarynyň işiniň döwrebap ýola goýulmagynyň möhümdigini nygtady. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ylmy-barlag institutlaryny döretmek hakynda» Karara gol çekip, ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberdi we birnäçe tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow gözegçilik edýän düzümlerindäki işleriň ýagdaýy, şol sanda "Türkmenhimiýa" döwlet konserniniň kärhanalarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, "Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda" himiýa senagatynda täze iri taslamalary durmuşa geçirmek, pudagyň kuwwatyny doly derejede amala aşyrmak, içerki we daşarky bazarlarda isleg bildirilýän ýokary hilli önümleriň öndürilýän görnüşlerini giňeltmek maksady bilen, hereket edýän önümçilikleri kämilleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, "Maryazot" önümçilik birleşiginiň önümhanalaryny döwrebaplaşdyrmak arkaly onuň kuwwatlylygyny artdyrmak boýunça alnyp barylýan toplumlaýyn işler barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, himiýa senagatynyň önümçilik kärhanalarynyň doly taslama kuwwatynda işlemegini üpjün etmegiň, senagat kärhanalarynyň önümçilik ugurlaryny yzygiderli döwrebaplaşdyrmagyň zerurdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz «Maryazot» önümçilik birleşiginiň birinji ammiak önümçiliginiň durkuny täzelemek we oňa täze enjamlary ornaşdyrmak meselesine degip geçdi. Munuň özi kärhananyň önümçilik taýdan netijeliligini ýokarlandyrmaga, girdejili bolmagyna ýardam eder diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew ýurdumyzyň daşary döwletler bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, meýilleşdirilýän halkara maslahatlary ýokary derejede geçirmek üçin guramaçylykly taýýarlyk görmegi tabşyrdy. Döwlet Baştutanymyz Berlin şäherinde boljak Türkmen-german işewürlik maslahatynda, şeýle hem London şäherindäki maýa goýum forumynda milli ykdysadyýetimizi has-da ösdürmäge gönükdirilen taslamalara uly orun berilmelidigini belläp, bu babatda wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra wise-premýer "Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda" hem-de "Türkmenistanyň halkara sergi işiniň 2024-2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda" göz öňünde tutulan çäreleri ýerine ýetirmek maksady bilen alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda we daşary ýurtlarda giň gerim bilen geçirilýän sergileriň, maslahatlaryň, işewürlik duşuşyklarynyň möhüm ähmiýetini belledi we bu babatda wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklar berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň 14 — 16-njy noýabry aralygynda Aşgabatda geçiriljek «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly IV halkara festiwala taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň dünýä halklarynyň köpugurly medeniýetiniň kämilleşmegine mynasyp goşant goşýandygyny belledi. Ak şäherimiz Aşgabatda geçiriljek «Bagtyýarlyk döwrüniň teatr sungaty» atly IV halkara festiwal hem dünýä halklarynyň arasyndaky medeni gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarar diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady we wise-premýere möhüm ähmiýetli bu halkara festiwalyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow şu ýylyň 16 — 18-nji noýabrynda Mary şäherinde geçiriljek Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň forumyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi. Bu çäre hormatly Prezidentimiziň döwlet Baştutanlarynyň "Merkezi Aziýa — Hytaý" formatyndaky birinji sammitiniň barşynda öňe süren başlangyjyna laýyklykda guralar. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Daşary işler ministrligi, Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan bu forumyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmek üçin zerur çäreler görülýär. Oňa milli ykdysadyýetimiziň dürli ulgamlarynda zähmet çekýän hünärmenleriň, talyp we meýletinçi ýaşlaryň, şeýle hem HHR-iň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň ýaş wekilleriniň gatnaşmaklaryna garaşylýar.

Forumyň gün tertibine ýurtlaryň we halklaryň arasynda netijeli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen hyzmatdaşlygyň täze mazmunly formatyny ýola goýmak, howanyň üýtgemegi, daşky gurşawyň durnuklylygy, bilim, ylym, innowasiýalar, medeniýet, sungat ýaly ulgamlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak bilen baglanyşykly meseleler giriziler. Şunuň bilen birlikde, parahatçylygy we dostlugy pugtalandyrmakda Türkmenistanyň toplan baý tejribesi öwreniler, Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmekde ýaşlaryň orny bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşylar. Forumyň çäklerinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň medeniýet işgärleriniň, sungat ussatlarynyň festiwalyny guramak hem meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Garaşsyz ýurdumyzda halkara ähmiýetli çäreleriň yzygiderli geçirilýändigini belläp, Mary şäherinde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň ýaşlarynyň gatnaşmagynda guraljak «Beýik Ýüpek ýolunyň täze eýýamy» atly forumyň hem ýokary derejede geçirilmegini üpjün etmegiň wajypdygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz bu forumyň ýaşlar syýasaty babatda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň anyk ýollaryny kesgitlemekde möhüm ähmiýetiniň boljakdygyna berk ynam bildirip, wise-premýere degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi. Ol şu ýylyň 31-nji oktýabrynda Fransiýa Respublikasynyň Pariž şäherinde ýerleşýän Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň merkezi edarasyndan gelip gowşan hoş habar barada aýtdy. Şol gün — Şäherleriň bütindünýä gününde paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizilýändigi babatda ÝUNESKO-nyň Baş direktorynyň çözgüdi yglan edildi.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan ÝUNESKO-nyň degişli düzüm birlikleri we komitetleri, onuň halkara hünärmenleri bilen bilelikde bu

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА НАПРАВИЛ СОБОЛЕЗНОВАНИЯ РУКОВОДСТВУ ФЕДЕРАТИВНОЙ ДЕМОКРАТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ НЕПАЛ

Президент Сердар Бердымухамедов направил глубокие соболезнования Президенту Федеративной Демократической Республики Непал Рамчандре Пауделю и Премьер-министру Федеративной Демократической Республики Непал Пушпе Камалю Дахалу в связи с произошедшим в западном регионе страны землетрясением, приведшим к многочисленным человеческим жертвам, увечьям и разрушениям.

Глава государства также выразил от имени народа, Правительства Туркменистана и от себя лично слова искреннего сопереживания и поддержки в этот тяжёлый момент родным и близким погибших, а также пожелания скорейшего выздоровления пострадавшим.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ BAŞLYGY TÜRKI DÖWLETLERIŇ GURAMASYNYŇ SAMMITINE GATNAŞDY




2023-nji ýylyň 3-nji noýabrynda Gazagystan Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň 10-njy sammitine gatnaşdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri sammite gatnaşyjylaryň öňünde çykyş edip, şu sammitiň ýurtlarymyzyň arasyndaky syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň has-da ösmegine we bu ugurda täze wezipeleri kesgitlemäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Soňra syýasy gatnaşyklaryň Türki Döwletleriň Guramasyna gatnaşýan ýurtlaryň arasynda ýokary derejede alnyp barylýandygy bellenildi. Biziň döwletlerimiz birek-birege özara goldaw berip, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn formatlarda, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynda we beýleki abraýly halkara düzümlerde netijeli özara hereketleri amala aşyrýarlar. Şeýle ysnyşykly gatnaşyklar häzirki özboluşly zamanda möhüm ähmiýete eýe bolýar diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Mälim bolşy ýaly, soňky döwürde halkara gatnaşyklar ulgamy öz ösüşiniň kyn döwrüni başdan geçirýär. Dürli künjeklerde, şol sanda biziň ýurtlarymyza ýakyn sebitlerde syýasy-strategik ýagdaýlar ýüze çykýar. Şunuň netijesinde, dünýä jemgyýetçiligi dürli ählumumy wehimlerdir howplar bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Ähli umumy parahatçylyk we howpsuzlyk ulgamyna oňaýsyz täsir edýän bu çylşyrymly hadysalardan baş alyp çykmak üçin döwletleriň tagallalaryny birleşdirmekleri, emele gelen syýasy ýagdaýlara oýlanyşykly baha bermekleri hem-de zerur bolan çözgütleri kabul etmekleri wajyp hasaplanýar.

Şu babatda türkmen halkynyň Milli Lideri halkara hukuk kadalaryna, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna esaslanyp, ýüze çykýan howplara garşy göreşmegiň netijeli gurallaryny döretmegiň, bilelikdäki hereketleri ýola goýmagyň, anyk çemeleşmeleridir meýilnamalary işläp taýýarlamagyň zerurdygyny nygtady.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan howpsuzlygyň bölünmezligi we bitewüligi baradaky garaýyşlardan ugur almak bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyç bilen çykyş etdi. Türkmen tarapy bu başlangyjyň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi üçin üç ýörelgäni peýdalanmagy maksadalaýyk hasaplaýar diýip, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow aýtdy. Hususan-da, olar öňüni alyş diplomatiýasyny ulanmak, Bitaraplyk guralynyň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak, ynanyşmaga esaslanýan dialog medeniýetini dikeltmek bilen baglanyşyklydyr.

Biz agzalan strategiýanyň özara düşünişmäge we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde duran gaýragoýulmasyz meseleleriň çözülmegine, galyberse-de, Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmaga ýardam berjekdigine ynanýarys diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, gurama gatnaşýan ýurtlaryň Türkmenistanyň Milletler Bileleşiginde öňe süren bu wajyp başlangyjyny iş ýüzünde amala aşyrmakda goldaw berjekdiklerine ynam bildirildi.

Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow halkara guramalaryň çäklerinde özara hereketleri ulgamlaýyn esasda alyp barmak üçin Türki Döwletleriň Guramasynyň ýurtlarynyň 2024-2025-nji ýyllar üçin Hyzmatdaşlyk maksatnamasyny kabul etmegi teklip etdi.

Söwda-ykdysady ugur babatda Türkmenistan Türki Döwletleriň Guramasynyň çäklerinde özara gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmegi maksadalaýyk hasaplaýar. Bu babatda döwletlerimizi birleşdirýän ykdysady ugurlary görkezmek zerurdyr. Olar ulag, energetika, söwda, önümçilik kooperasiýasy we beýleki pudaklary öz içine alýar.

Ulag we logistika ulgamy döwletara gatnaşyklarda wajyp orun eýeleýär.Häzirki ählumumy durnuksyzlyk ýagdaýynda döwletlerimiziň arasynda we olaryň çäklerinden daşarda giňden ýaýran hem-de döwrebap üstaşyr ulag, logistika ulgamyny döretmek wezipesi esasy meseleleriň biri bolup durýar diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri sözüni dowam etdi.

Bu ugurda Türkmenistan soňky ýyllarda Aziýa bilen Ýewropany birleşdirýän birnäçe iri üpjünçilik ulgamynyň taslamalaryny öňe sürdi. Olara Türki Döwletleriň Guramasyna girýän ýurtlar hem işjeň gatnaşýarlar.

Ýene bir möhüm ugur hökmünde energetika ulgamy görkezildi. Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan baý nebit-gaz gorlaryna eýe bolmak bilen, energiýa serişdeleriniň dünýä bazaryna ygtybarly we howpsuz ýagdaýda iberilmegi baradaky syýasaty alyp barýar. Ylaýta-da, türkmen tebigy gazynyň we elektrik energiýasynyň goňşy ýurtlara, sebitiň döwletlerine iberilmegi babatda işler amala aşyrylýar. Bu ugurda Türki Döwletleriň Guramasynyň düzümine girýän ýurtlar bilen ysnyşykly gatnaşyklar alnyp barylýar. Häzirki wagtda Türkmenistan goňşy we doganlyk ýurtlar bolan Özbegistana, Azerbaýjana öz tebigy gazyny iberýär diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Türkmen tebigy gazyny Hazar deňziniň üsti bilen Azerbaýjana, Türkiýä we geljekde dünýä bazarlaryna çykarmak üçin mümkinçilikleriň bardygyny aýdyp, bu babatda ýakyn wagtda doganlyk ýurtlar bilen ähli zerur bolan meseleleriň çözülip, degişli işleriň amala aşyryljakdygyna ynam bildirdi.

Gahryman Arkadagymyz elektrik energetikasy barada durup geçip, bu gün Türkmenistanyň goňşy doganlyk ýurtlar bolan Özbegistana we Gyrgyzystana öz elektrik energiýasyny iberýändigini belledi. Biz öňümizdäki döwürde elektrik energiýasyny Hazar deňziniň üsti bilen doganlyk Azerbaýjana, Türkiýä hem iberip bileris.

Hut şu günüň özünde Hazar deňziniň türkmen kenarynda, Türkmenbaşy şäheriniň ýanynda kuwwaty 1574 megawat bolan täze, döwrebap elektrik stansiýasynyň düýbi tutuldy diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy aýtdy.

Çykyşyň dowamynda urmuşa geçirilýän bilelikdäki işleri güýçlendirmek we hukuk taýdan berkitmek maksady bilen, Türki Döwletleriň Guramasynyň düzümine gatnaşýan ýurtlar tarapyndan energetika pudagynda hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça "Ýol kartasynyň" taýýarlanylmagyny maksadalaýykdygy bellenildi.

Medeni-ynsanperwer gatnaşyklar meselesine aýratyn üns berildi. Taryhy, medeniýeti, dili we däp-dessurlary birmeňzeş bolan türki döwletleriň arasyndaky medeni-ynsanperwer gatnaşyklar köpugurly hyzmatdaşlygyň gün tertibinde möhüm orun eýeleýär. Bu ulgamda amala aşyrylýan özara ysnyşykly hereketler dost-doganlygyň, birek-birege hormat goýmagyň, özara ynanyşmagyň, goldaw bermegiň esasynda ulgamlaýyn ösdürilýär. Medeniýet, sungat, ylym-bilim we sport babatda hyzmatdaşlygyň berkidilmegi netijesinde ýurtlarymyzyňdyr halklarymyzyň özara ýakynlaşmagyna oňyn şertler döredilýär.

Şunuň bilen birlikde, ylym-bilim, saglygy goraýyş, sport we beýleki ugurlarda amala aşyrylýan işleri has-da berkitmegiň maksadalaýykdygy nygtaldy. Hususan-da, ylmy-barlag institutlarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň, öňdebaryjy ylmy merkezleriň arasyndaky gatnaşyklary işjeňleşdirmek teklip edildi.

Çykyşynyň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow şu günki sammitiň örän ähmiýetli waka bolmak bilen, türki dilli döwletleriň özara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de ösdürmäge itergi berjekdigine berk ynam bildirdi we hemmelere ýokary jogapkärli döwlet işlerinde uly üstünlikleri, doganlyk halklara bolsa abadançylyk, gülläp ösüş arzuw etdi.

Ýokary derejeli duşuşyga gatnaşyjylar ähli ulgamlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň hem-de guramanyň abraýyny ýokarlandyrmak üçin tagalla etmegiň zerurdygyny bellediler. Türki Döwletleriň Guramasyna gatnaşyjy ýurtlarda telekeçileri goldamaga gönükdirilen Türki maýa goýum gaznasyny döretmegi öňe sürlen esasy başlangyçlaryň hatarynda görkezmek bolar. Şeýle hem logistikany we ulag gatnawlaryny ösdürmäge, täze ugurlary giňeltmäge uly üns berler.

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

ugurdaky işe 2021-nji ýylda girişdi. Şu geçen ýyllaryň dowamynda halkara jemgyýetçilik Aşgabat şäherini dünýäniň iň gözel, ajaýyp, tehnologik taýdan ösen şäheri hökmünde ykrar etdi. Paýtagtymyzyň häzirki zaman halkara urbanistika kadalary bilen ösýändigi aýratyn bellenilip, oňa ýokarda agzalan hukuk derejesi berildi.

Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimizi we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyny bu syýasy ýeňiş bilen gutlap, döwlet Baştutanymyza, Gahryman Arkadagymyza berk jan saglyk, il-ýurt bähbitli alyp barýan işleriniň hemişe rowaç bolmagyny arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara we ähli watandaşlarymyza ýüzlenip, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň merkezi edarasyndan hoş habaryň gelip gowşandygyna ünsi çekdi. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Aşgabat şäheri «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizildi. Bu hoş habaryň Şäherleriň bütindünýä gününde gelip gowuşmagynyň hem uly manysy bar.

Döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzyň binagärlik keşbini has-da özgertmek işleriniň mundan beýläk hem dowam etdiriljekdigini nygtap, aşgabatlylary we ähli türkmenistanlylary ýurdumyzyň ýüregi bolan ak şäherimiz Aşgabat şäheri bilen bagly bu şatlykly waka mynasybetli tüýs ýürekden gutlady.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türki Döwletleriň Guramasynyň 10-njy sammitine gatnaşmak üçin 3-nji noýabrda Gazagystan Respublikasyna boljak iş saparyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Soňra wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiziň Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 16-njy sammitine gatnaşmak üçin Özbegistan Respublikasynyň Daşkent şäherine boljak iş saparyna taýýarlyk görlüşi barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyz Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynda başlyklyk edýär. Bu guramanyň 15-nji sammiti 2021-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Aşgabat şäherinde geçirildi. Ýurdumyzyň başlyklyk eden döwründe ÝHG-nyň giňişligindе söwda-ykdysady, maýa goýum, ulag-logistika, energetika, şeýle hem medeni-ynsanperwer ulgamlarda özara bähbitli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge gönükdirilen degişli Konsepsiýa işlenip taýýarlanyldy. Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 15-nji sammitiniň netijeleri boýunça jemleýji resminama, ýagny Hereketleriň Aşgabat konsensusy kabul edildi.

Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň nobatdaky sammitini 8-9-njy noýabrda geçirmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, halkara guramalar we dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň daşary syýasat ugrunyň Konsepsiýasyna laýyklykda alnyp barylýan işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini nygtap, wise-premýer, daşary işler ministrine ýurdumyzyň wekilýetiniň Türki Döwletleriň Guramasynyň hem-de Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitlerine gatnaşmagynyň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň "Türkmentel — 2023" atly XVI halkara sergisine we ylmy maslahata görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Bu çäreleri şu ýylyň 9-10-njy noýabrynda Aşgabatda geçirmek göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, häzirki wagtda ýurdumyzda täze innowasion, sanly tehnologiýalaryň üstünlikli ornaşdyrylýandygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz bu ulgamda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmakda telearagatnaşyk, telemetriýa, habar beriş tilsimatlarynyň we teleradioýaýradyş enjamlarynyň "Türkmentel — 2023" atly XVI halkara sergisiniň we onuň çäklerinde geçirilýän ylmy maslahatyň ähmiýetini belläp, agentligiň ýolbaşçysyna forumy ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmegi tabşyrdy.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedowa söz berildi. Ol aşgabatlylaryň adyndan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy şanly waka — Aşgabadyň «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizilmegi bilen tüýs ýürekden gutlady.

Döwlet Baştutanymyz ähli watandaşlarymyzy Aşgabadyň «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizilmegi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, Aziýanyň merjeni, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän sebit we halkara hyzmatdaşlygyň merkezi hökmünde ykrar edilen paýtagtymyzyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine mundan beýläk-de uly üns beriljekdigini nygtady.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

# TÜRKMENISTANDA «MERKEZI AZIÝA-KOREÝA» 16-NJY HYZMATDAŞLYK FORUMY GEÇIRILDI

## MEETING OF THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN WITH THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF THE REPUBLIC OF KOREA

On November 1, 2023, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov received the Minister of Foreign Affairs of the Republic of Korea Park Jin.

The Head of the Ministry of Foreign Affairs of the Republic of Korea conveyed cordial greetings from President Yun Seok Yeol to the Head of State and National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslakhaty of Turkmenistan, who addressed wishes of well-being and prosperity to all Turkmen people. It was emphasized that the Korean side attaches great importance to strengthening the traditional interstate dialogue based on the principles of mutual respect and constructive partnership.

The President of Turkmenistan conveyed return greetings to the President of the Republic of Korea, wishing the Minister of Foreign Affairs and his colleagues a successful forum, designed to give new impetus to building up effective interaction in this format.

During the meeting, high rates of development of Turkmen-Korean cooperation were stated. As emphasized, an important factor in strengthening interstate relations is the established open and trusting dialogue at the highest level.

In this context, the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov noted the fruitful nature of the meeting held within the framework of the 78th session of the UN General Assembly with the President of the Republic of Korea Yun Seok Yeol, during which a wide range of issues of bilateral partnership were discussed and its promising directions were outlined.

It was also noted that the two countries successfully interact through international organizations and structures. In this regard, the effectiveness of the work of the Cooperation Forum between the States of Central Asia and the Republic of Korea was emphasized.

In recent years, Turkmen-Korean relations through parliaments have also acquired a regular character. Mutual visits are carried out by the speakers of the legislative bodies of the two countries, contributing to the effective exchange of experience and the expansion of working contacts between parliamentarians.

One of the priority vectors of interstate cooperation is the further strengthening of trade and economic partnership. As is known, for many years a number of leading Korean companies have been fruitfully working in the oil, gas and transport sectors of the economy of Turkmenistan. At the same time, the parties' desire to continue productive business interaction was confirmed.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ КЫРГЫЗСТАНА

1 ноября 2023 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял министра иностранных дел Кыргызской Республики Жеенбека Кулубаева.

Руководитель МИД Кыргызстана передал главе государст¬ва, а также Национальному Лидеру туркменского народа, Председателю Халк Маслахаты Туркменистана сердечные приветствия от Президента Кыргызской Республики Садыра Жапарова, адресовавшего пожелания благополучия и процветания всем туркменистанцам. При этом была подтверждена заинтересованность дружественной страны в укреплении сотрудничества с Туркменистаном и дана высокая оценка созидательной, прогрессивной внешней и внутренней политики, проводимой Президентом Туркменистана.

Глава Туркменского государства передал ответные наилучшие пожелания высшему руководству братской страны. Особый акцент был сделан на значении встречи Генсека ОБСЕ с министрами иностранных дел стран Центральной Азии и 16-го Форума сотрудничества «Цент¬ральная Азия-Республика Корея».

В ходе обсуждения ¬перспектив наращивания межгосударственного взаи¬модействия стороны констатировали, что за последние годы традиционно дружественные отношения между нашими странами обрели поступательный характер. Как отмечалось, два государства не только успешно поддерживают двусторонний политический диалог, но в то же время активно сотрудничают в рамках международных организаций, в первую очередь, ООН и СНГ.

Подчеркнув важность недавнего визита в Кыргызстан для участия в заседании Совета глав государств-участников СНГ, Президент Туркменистана отметил, что в рамках данного мероприятия состоялись конструктивные переговоры с Президентом Кыргызстана и обсуждён широкий спектр вопросов, в том числе, нынешнее состояние туркмено-кыргызских связей, а также намечены основные направления их наращивания.

Отмечено, что ключевым аспектом повестки межгосударственного диалога является торгово-экономическое сотрудни¬чество. В данном контексте, была подтверждена необходимость полноценного использования всех возможных механизмов для раскрытия имеющегося огромного потенциала для развития двустороннего партнёрства в этой области. Предметом отдельного обсуждения стали вопросы расширения контактов в транспортно-транзитной сфере.

Как подчёркивалось, особое место в отношениях между обеими странами отводится взаимодействию в культурно-гуманитарной сфере, которое служит сближению двух народов. Была высказана убеждённость в наличии больших возможностей для совместной деятельности в области науки, образования, спорта и туризма.









## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GAZAGYSTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREMÝER-MINISTRINIŇ ORUNBASARY, DAŞARY IŞLER MINISTRINI KABUL ETDI

2023-nji ýylyň 1-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary, daşary işler ministri Murat Nurtleuwy kabul etdi.

Myhman döwlet Baştutanymyza we Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň mähirli salamyny ýetirdi hem-de goňşy ýurduň Türkmenistan bilen däp bolan, iki doganlyk halkyň taryhyň dowamynda emele gelen gatnaşyklaryna esaslanýan hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny tassyklady.

Türkmenistanyň Prezidenti hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip we Gazagystan Respublikasynyň Prezidentine mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň Prezidenti we Gazagystanyň Daşary işler ministri uzak möhletleýin we strategik häsiýete eýe bolan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar.

Biziň ýurtlarymyz BMG, ÝHHG, GDA, YHG ýaly iri halkara, sebit guramalarynyň çäklerinde oňyn hyzmatdaşlyk edýärler diýlip bellenildi.

Şeýle hem Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklarynyň formaty özüniň netijeliligini tassyklady. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Gazagystan Respublikasyna öňde Astana şäherinde Türki Döwletleriň Guramasynyň 10-njy sammitini üstünlikli geçirmegi arzuw etdi.

Ulag-logistika ulgamy hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda görkezildi. Türkmenistanyň we Gazagystanyň çäk taýdan amatly ýerleşmeginiň bu ulgamda geljegi uly bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek üçin oňyn şertleri döredýändigi nygtaldy. Şeýle-de energetika pudagy hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda kesgitlenildi.

Şunuň bilen birlikde, ikitaraplaýyn ynsanperwer gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Özara Medeniýet günlerini, festiwallary guramak tejribesiniň dowam etdirilmegi, döredijilik we ylmy işgärleriň arasynda yzygiderli gatnaşyklaryň giňeldilmegi bu ugurda köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlygyň baýlaşdyrylmagyna ýardam berer.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINI KABUL ETDI

2023-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministri Bahtiýor Saidowy kabul etdi.

Myhman döwlet Baştutanymyza, şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň mähirli salamyny, berk jan saglyk we abadançylyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi. Şunda Özbegistanda doganlyk Türkmenistan bilen däp bolan dostlukly dialogyň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýändigi bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Prezident Şawkat Mirziýoýewe mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi hem-de biziň ýurdumyzyň Özbegistan bilen hoşniýetli goňşuçylyk, ynanyşmak gatnaşyklaryna üýtgewsiz ygrarlydygyny nygtady.

Duşuşygyň dowamynda döwlet Baştutanymyz Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Baş sekretary bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygynda ÝHHG bilen köpýyllyk hyzmatdaşlygyň ösdürilýändiginiň bellenendigini aýtdy.

Gürrüňdeşligi dowam edip Türkmenistanyň Prezidenti söhbetdeşligiň dowamynda Özbegistanyň Daşary işler ministriniň "Merkezi Aziýa - Koreýa Respublikasy" 16-njy hyzmatdaşlyk forumynyň işine gatnaşmagynyň dürli ulgamlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmegiň ýollary, sebit we halkara syýasatyň möhüm meseleleri barada pikir alyşmak üçin oňat mümkinçilik döretjekdigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, saparyň jemleriniň iki ýurduň arasynda hemmetaraplaýyn gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna aýratyn goşant boljakdygyna berk ynam bildirildi.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Daşkent şäherinde öňde boljak Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 16-njy sammitiniň üstünlikli geçirilmegini arzuw etdi

Türkmenistan we Özbegistan sebit, ählumumy gün tertibiniň meseleleri, ozaly bilen, parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek bilen baglanyşykly meselelerde ýakyn ýa-da meňzeş garaýyşlara eýe bolup, halkara giňişlikde oňyn hyzmatdaşlyk edýärler. Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki halkara we sebit düzümleriniň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlyk aýratyn ara alnyp maslahatlaşyldy.

Köpugurly türkmen-özbek gatnaşyklarynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlyga aýratyn orun berilýändigi nygtaldy. Şunuň bilen baglylykda, ikitaraplaýyn haryt dolanyşygynyň oňyn depgini, ýangyç-energetika, ulag-logistika, oba hojalygy we beýleki pudaklarda hyzmatdaşlygyň işjeň häsiýeti bellenildi.

Şeýle hem medeniýet, ylym-bilim ulgamlarynda däp bolan dialogyň okgunly häsiýetiniň ähmiýeti nygtaldy. Munuň özi iki döwletiň halklaryny mundan beýläk-de ýakynlaşdyrmak, köpasyrlyk dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak üçin özboluşly köprüdir.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ МИНИСТРА ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТАДЖИКИСТАНА

1 ноября 2023 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял министра иностранных дел Республики Таджикистан Сироджиддина Мухриддина.

Руководитель внешне¬политического ведомства передал главе государства, а также Аркадагу слова приветствия и наилучшие пожелания от Президента Эмомали Рахмона. При этом отмечалось, что в Таджикистане придают большое значение наращиванию традиционно плодотворного диалога с Туркменистаном.

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов адресовал ответные наилучшие пожелания высшему руководству Таджикистана.

Глава государства подчеркнул актуальность прошедшей накануне встречи министров иностранных дел центральноазиатских государств с Генеральным секретарём ОБСЕ, в ходе которой состоялся обмен мнениями о нынешнем состоянии и перспективах регионального взаимодействия. Вместе с тем, отмечалась важность работы 16-го Форума сотрудничества «Центральная Азия–Республика Корея».

Затронув вопросы двусторонних связей, стороны отметили, что отношения между нашими странами основываются на принципах равноправия, обоюдного уважения и доверия. Как подчёркивалось, межгосударственный диалог опирается на исконные традиции дружбы и добрососедства туркменского и таджикского народов.

В продолжение встречи констатировался успешный характер взаимодействия двух стран на международной арене.

Президент Туркменистана сделал особый акцент на значении итогов рабочего визита в Таджикистан для участия в пятой юбилейной Консультативной встрече глав государств Центральной Азии и очередном заседании Совета глав государств-учредителей Международного фонда спасения Арала. Как отмечалось, принятые по результатам этих политических мероприятий важные документы нацелены на дальнейшую консолидацию совместных усилий для укрепления стабильности и достижения процветания в регионе.

Также в рамках встречи был подчёркнут высокий уровень динамично развивающихся торгово-экономических, культурных и научно-образовательных связей.

## "MERKEZI AZIÝA-KOREÝA RESPUBLIKASY" HYZMATDAŞLYGYNYŇ ÇÄGINDE DAŞARY SYÝASAT EDARALARYNYŇ ÝOLBAŞÇYLARYNYŇ DUŞUŞYGY

2023-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Aşgabatda «Merkezi Aziýa-Koreýa Respublikasy» hyzmatdaşlyk forumynyň Daşary işler ministrleriniň 16-njy mejlisi geçirildi.Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Koreýa Respublikasynyň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň häzirki mejlisi "Merkezi Aziýada we Koreýa Respublikasynda durnukly geljegi üpjün etmekde ýaşlaryň ägirt uly mümkinçiliklerini durmuşa geçirmek arkaly hyzmatdaşlyk" atly tema bagyşlandy. Bu garaýyş foruma gatnaşyjy ýurtlaryň ýakyn geljek üçin hyzmatdaşlygyň esasy ugurlaryny kesgitleýän gün-tertibini düzmek boýunça bilelikdäki tagallalarynda öz beýanyny tapýar. Şu işde ýaşlara we olaryň mümkinçilikleri aýgytlaýjy orun degişli edilýär.

Duşuşygyň çäklerinde oňa gatnaşyjylar ähmiýetli sebit meseleleri, foruma gatnaşýan döwletlerde ýaşlar syýasatynyň durmuşa geçirilişi, şeýle hem, milli meýilnamalaryň we maksatnamalaryň çäginde amala aşyrylýan anyk çäreler hem-de işler barada beýan etdiler. Taraplar halkara hyzmatdaşlygyny has-da giňeltmek we berkitmek boýunça, durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça ýaşlaryň özara hyzmatdaşlygyna degişli wajyp başlangyçlaryň hem-de pikirleriň birnäçesini öňe sürdüler.

"Merkezi Aziýa-Koreýa Respublikasy" 16-njy hyzmatdaşlyk forumynyň netijeleri boýunça Daşary işler ministrleriniň bilelikdäki Beýannamasy kabul edildi. Şeýle-de, bu forumyň sekretariatynyň 2024-nji ýyl üçin iş maksatnamasy tassyklanyldy.

"Merkezi Aziýa-Koreýa Respublikasy" formatyndaky forumyň indiki mejlisi 2024-nji ýylda Koreýa Respublikasynda geçirilmegi meýilleşdirilýär.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI ÄHLIHALK BAG EKMEK DABARASYNA GATNAŞDY HEM-DE ATÇYLYGY ÖSDÜRMEK BOÝUNÇA ALNYP BARYLÝAN IŞLERIŇ ÝAGDAÝY BILEN TANYŞDY



2023-nji ýylyň 4-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tutuş ýurdumyzy gurşap alan ählihalk bag ekmek dabarasyna gatnaşdy, şeýle hem ahalteke bedewlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça alnyp barylýan işler bilen tanyşdy.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ählihalk bag ekmek maksatnamasynyň, ilkinji nobatda, ekologik nukdaýnazardan, şol sanda halkymyzyň amatly ýaşaýşy üçin zerur şertleriň döredilmegi babatda hem uly ähmiýetlidigini yzygiderli belleýär. Şunuň bilen baglylykda, ilatly ýerleriň töwereginde täze tokaý-seýilgäh zolaklarynyň döredilmegine aýratyn üns berilýär. Öz çäklerini barha giňeldýän şäherleriň eteklerinde kemala gelýän şeýle zolaklar adamlar üçin örän bähbitlidir.

Ir bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow häzirki wagtda gurluşygy tamamlanan, Köpetdagyň eteginde ýerleşýän 600 baş ahalteke atyny saklamaga niýetlenen döwrebap athana bardy.

Bu ýerde Arkadagly Gahryman Serdarymyzy Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew, "Türkmen atlary" döwlet birleşiginiň baş direktory A.Berdiýew, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň rektory P.Baýramdurdyýew, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň hem-de Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň wise-prezidenti B.Rejepow mähirli garşyladylar.

Bu ýerde wise-premýer T.Atahallyýew gurluşygy tamamlanan 600 baş ahalteke atyny saklamaga niýetlenen athanada ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Häzirki zaman athananyň umumy eýeleýän meýdany 15,4 gektar bolup, onuň düzüminde dolandyryş, bedewleriň saglyk ýagdaýyna gözegçilik etmek üçin hemme zerur enjamlar we öňdebaryjy tehnologiýalar bilen üpjün edilen weterinariýa binalary, höwür atlaryň 40-sy üçin niýetlenen bir sany, höwür atlaryň 60-sy üçin bir sany athana hem-de atlaryň 60-sy üçin niýetlenen athanalaryň 2-si, atlaryň 88-sine niýetlenen athanalaryň 5-si, iým üçin ýapyk ammar we beýleki degişli desgalar bina edildi. Desgalaryň binagärlik keşbinde öňdebaryjy inženerçilik-tehniki çözgütler, milli binagärligiň ýörelgeleri öz beýanyny tapdy.

Häzirki döwürde bu ýerde Halkara ahalteke atçylyk sport toplumyny, Aba Annaýew adyndaky atşynaslar üçin niýetlenen ýaşaýyş jaý toplumyny we döwrebap taslama bolan Arkadag şäherini öz içine alýan dünýä nusgalyk gurşaw emele geldi.

Soňra hormatly Prezidentimiz ählihalk bag ekmek dabarasynyň geçirilýän ýerine — Arkadag şäherine ugrady. Halkymyz gadymy döwürlerden bäri bag ekmeklige aýratyn hormata mynasyp asylly iş hökmünde garapdyr.

Bu ýerde döwlet Baştutanymyzy Hökümet agzalary, Mejlisiň deputatlary, Halk Maslahatynyň agzalary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şäher häkimliginiň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, Arkadag şäheriniň köp sanly ýaşaýjylary mübärekleýärler. Ekologik çärä gatnaşyjylaryň hatarynda Aşgabatdaky diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri hem bar.

Ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek boýunça maksatnamanyň durmuşa geçirilmegine köpçülikleýin gatnaşmagyň ýokary ähmiýetini belläp, döwlet Baştutanymyz ýaş nahallara yzygiderli ideg etmek meselelerine jogapkärçilikli çemeleşmegiň wajypdygyny hemişe nygtaýar.

Hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, bag ekmek dabarasyna gatnaşyjylaryň ählisi bag nahallaryny oturdýarlar. Bu ýeriň toprak-howa şertleriniň aýratynlyklaryna ukyply we has durnukly dürli görnüşli bag nahallary saýlanyp alnypdyr. Oturdylan bag nahallary ajaýyp dag jülgesinde tokaý zolaklarynyň emele gelmegini şertlendirer.

28-nji oktýabrda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet Baştutanymyz daşky gurşawy goramak bilen bagly meseleleriň Türkmenistanyň syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny, ýurdumyzyň bu ugurda halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda anyk başlangyçlar bilen çykyş edýändigini nygtady. Hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň 78-nji sessiýasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow tarapyndan ýöriteleşdirilen düzümi — Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek barada teklip öňe sürüldi. Bu merkez howa meselesi boýunça anyk we yzygiderli işleri alyp barar. Şunuň bilen baglylykda, merkeziň işlemegi üçin Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda guramaçylyk we tehniki şertleri döretmäge ýurdumyzyň taýýardygy beýan edildi. Şeýle hem Hazar deňziniň gurşawyny, biologik serişdelerini gorap saklamak, emele gelen ekologik meseleleri çözmek bilen bagly wezipeleriň giň toplumy boýunça jikme-jik we ýokary derejede hyzmatdaşlyk etmek üçin halkara platforma bolmaga niýetlenen «Hazar ekologik başlangyjyny» döretmek baradaky teklip öňe sürüldi.

BMG-niň biologik köpdürlülik, çölleşmä garşy göreşmek, howanyň üýtgemegi, ozon gatlagyny goramak, serhetüsti suw akymlaryny we halkara kölleri goramak hem-de peýdalanmak hakynda resminamalarynyň ýurdumyz tarapyndan tassyklanylmagy Türkmenistanyň häzirki döwrüň ählumumy ekologik meseleleri çözmekde işjeň orny eýeleýändiginiň aýdyň beýanydyr. Bu ugurda Türkmenistan köp sanly halkara we sebit guramalary, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy, Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Azyk we oba hojalyk guramasy, Ählumumy ekologiýa gaznasy, Araly halas etmegiň halkara gaznasy, Merkezi Aziýanyň sebitleýin ekologiýa merkezi, Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti bilen hyzmatdaşlygy alyp barýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda bu köpýyllyk işiň aýdyň netijeleri görünýär — ýurdumyzyň dürli künjeklerinde, giň meýdanlarda ynsan eli bilen döredilen tokaýlyklar ýaýylyp gidýär. Şol ýerdäki agaçlaryň sany onlarça milliona ýetýär.

Şu güýz gününde ähli ildeşlerimiz mähriban topragymyzyň "ýaşyl baýlygyny" joşgunly zähmet bilen has-da artdyrmak üçin bag ekmek çäresine çykdylar. Onuň çäklerinde diňe bir günüň içinde saýaly, pürli we miweli bag nahallarynyň 472 müň 71 düýbi ekilip, 1 million 868 müň 935 düýp baga ideg edildi.

Şeýlelikde, döwletimiziň bagçylyk pudagyna berýän aýratyn ünsi we goldawy türkmen jemgyýetinde ýokary ekologik medeniýeti kemala getirýär. Her ýyl bag ekmegiň täze tapgyryna badalga berlip, halkymyzyň mähriban topragymyzy gülläp ösýän bagy-bossanlyga öwürmek baradaky köpasyrlyk arzuwy durmuşa geçirilýär.

Soňra Arkadag şäherinde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda ählihalk bag ekmek dabarasy mynasybetli toý sadakasy berildi.

## ПРЕСС-РЕЛИЗ НАЦИОНАЛЬНОЙ МОЛОДЁЖНОЙ КОНФЕРЕНЦИИ ТУРКМЕНИСТАНА ПО ВОПРОСАМ ИЗМЕНЕНИЯ КЛИМАТА

Ашхабад, Туркменистан - 3 ноября 2023 г. - Правительство Туркменистана в сотрудничестве с Представительством Постоянного координатора ООН в Туркменистане, Посольствами Великобритании и Объединенных Арабских Эмиратов организовало Национальную Молодёжную Конференцию по вопросам изменения климата. Мероприятие, состоявшееся 3 ноября 2023 года в Ашхабаде, стало важной вехой в просвещении молодежи Туркменистана по важнейшим климатичбеским вопросам и превращении ее в активных партнеров в глобальной борьбе с изменением климата.

Конференция молодежи по вопросам изменения климата, в которой приняли участие более 200 молодых людей со всего Туркменистана, проводилась в преддверии глобальной Конференции молодежи (COY18) и 28-й сессии Конференции сторон (COP 28) Рамочной конвенции ООН об изменении климата. Целью конференции явилось повышение осведомленности молодого поколения об изменении климата, его воздействия на социально-экономическое развитие и экологическую устойчивость, и биоразнообразие, а также выработка общих подходов к реализации передовых решений, способствующих адаптации к изменению климата и смягчению последствий, связанных с ним.

Одним из нововведений ежегодной Конференции молодежи по вопросам климата в этом году стало проведение региональных встреч в городах Дашогуз, Мары и Туркменабат, что позволило расширить сферу охвата конференции за пределами столицы. Молодые послы ЦУР, и экологические активисты общались с молодежью из этих регионов, способствуя обмену идеями и предоставляя возможность наиболее активным участникам продемонстрировать свои проекты на итоговой конференции.

В ходе дискуссий, молодежь Туркменистана показала свою решимость стать активными участниками глобального движения за предотвращение дальнейшего изменения климата. Была проведена оценка прогресса, достигнутого со времени проведения второй молодежной конференции по изменению климата (LCOY), состоявшейся в Ашхабаде в 2022 году. Кроме того, представители туркменской молодежи подготовили предложения для будущих проектов в Туркменистане, которые стали частью Дорожной карты на 2024 год.

Молодежная климатическая конференция также способствовала созданию надежной сети высокомотивированных молодежных активистов по вопросам изменения климата со всего Туркменистана. Эта сеть призвана расширять, укреплять и оказывать дальнейшую поддержку проектам молодых людей, способствовать сотрудничеству и обмену знаниями, станет платформой в продвижении климатических действий в Туркменистане и за его пределами.

По результатам обсуждений на конференции было принято итоговое Национальное заявление молодежи Туркменистана. Это заявление отражает запросы молодежи Туркменистана и взгляды молодых участников на процессы РКИК ООН, вопросы национальной политики и другие темы, связанные с изменением климата в Туркменистане и в мире. Национальное заявление молодежи будет представлено на COY18 и станет частью официальной глобальной позиции YOUNGO(Расшифровать) на COP28 в Дубае.

Итоговая конференция молодежи по вопросам изменения климата в Туркменистане представляет собой значительный шаг вперед в расширении прав и возможностей молодежи и мобилизации ее коллективных усилий для борьбы с изменением климата.

Конференция молодежи (COY) - это ежегодное мероприятие, которое собирает молодых людей со всего мира для обсуждения и решения вопросов, связанных с изменением климата. COY18 - восемнадцатая по счету конференция, которая станет платформой для вовлечения и активизации молодежи в преддверии 28-й сессии Конференции сторон (COP 28) Рамочной конвенции ООН об изменении климата.

Рамочная конвенция ООН об изменении климата (РКИК) - международный экологический договор, направленный на предотвращение опасного антропогенного воздействия на климатическую систему. Она обеспечивает основу для международного сотрудничества в области мер по смягчению последствий изменения климата и адаптации к ним. Высшим органом, принимающим решения в рамках РКИК ООН, является Конференция сторон.